# Türkmenistanyň Gahrymany-Arkadagymyz Saud Arabystanyna sapar etdi

Halk Maslahatynyň başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň Çölleşmä garşy göreş konwensiýasynyň taraplarynyň 16-njy konferensiýasynyň (COP-16) çäklerinde geçirilen “Bitewi suw” sammitine gatnaşmak üçin Saud Arabystanyna bardy. Gahryman-Arkadagymyzyň sapary yslam dünýäsiniň mukaddes ýerlerine zyýarat etmek bilen başlandy. Bu barada **“Türkmenistan: Altyn asyr”** döwlet habarlar agentligi habar berdi.

Gurbanguly Berdimuhamedow Mekge şäherine baryp, mukaddes Käba zyýarat etdi, bu bolsa türkmen halkynyň asylly işlerde üstünlik gazanmakdaky ýörelgeleriniň dowamlylygynyň aýdyň beýany boldy. Gahryman Arkadagmyz türkmen halkyna abadançylyk, ýurduň mundan beýläk-de ösmegi, abraýynyň artmagy, Türkmenistanyň täze taryhy eýýamda ýokary ösüş we gülläp ösüş derejesine ýetmegi üçin doga dileg etdi.

Mundan başga-da, türkmen halkynyň Milli Lideri Er-Riýadda Saud Arabystanynyň resmi wekili bilen duşuşyp, özara söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygyň giňeldilmegini ara alyp maslahatlaşdy. Gurbanguly Berdimuhamedow ýurtlaryň BMG çäklerindäki hyzmatdaşlygynyň ösüş derejesini ýokary bahalandyryp, “Bitewi suw” sammitiniň häzirki global meseleler boýunça oňyn çözgütleri işläp taýýarlamaga mümkinçilik berjekdigine ynam bildirdi.

Все права защищены